# «Bir döwüm çörege zar adamlar baýdak satyn almaga mejbur edilýär»

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Bir döwüm çörege zar adamlar baýdak satyn almaga mejbur edilýär" «BIR DÖWÜM ÇÖREGE ZAR ADAMLAR BAÝDAK SATYN ALMAGA MEJBUR EDILÝÄR»



*«Her öýde bir baýdak» kampaniýasy çekişme döretdi.*
Hindistanda oppozisiýa Narendra Modi hökümetiniñ mugt çörek paýlanýan adamlary ýurduñ baýdagyny satyn almak üçin basyş edýändigini öñe sürdi.
Oppozisiýanyñ başyny çekýän Nasional kongres partiýasynyñ lideri Rahul Gandi 15-nji awgustda bellenen Garaşsyzlyk güni golaýlaşanda kartoçka bilen mugtuna duz-tagam paýlanan dükanlarda baýdak satyn alynmagy üçin halka basyş edilýändigini öñe sürdi.
1947-nji ýylda Birleşen Korollykdan aýrylyp, garaşsyzlygyny jar eden Hindistan her ýyl 15-nji awgustda özbaşdaklygyny baýram edýär.

Garaşsyzlyk gününde döwlet binalaryna baýdak asylýar. Häbir hindistanlylar-da öýlerini baýdaklar bilen bezeýär.
Bu ýyl Modi hökümeti «her öýe bir baýdak» kampaniýasyny yglan etdi. Bu çäräniň çäklerinde duşenbe gününe çenli azyndan 200 million baýdagyň öýlerden asylmagy göz öňünde tutulýar.
Gandi Harýana ştatynda dükanlaryň birinde işleýän işgäriň mugtuna iýmit almaga gelen we baýdak satyn alasy gelmeýän raýata azar berip duran wideoýazgyny ýatlatdy.
Sosial mediýada paýlaşylan bu wideoýazgyda dükanyň eýesi «Munuň özi ýokardan gelen hökümetiň görkezmesi. Hojaýynym maňa baýdak satyn almakdan ýüz dönderenlere iýmit bermezligimi tabşyrdy» diýýär.
«Milliýetçilik satylýan däldir» diýen Gandi häkimiýet başyndaky Halk partisiýasynyň (BJP) baýdagyň gadyr-gymmaty bilen bir hatarda maddy ýagdaýy pes adamlaryňam mertebesine zeper ýetirýändigini öňe sürdi.
«Guardian» gazetiniň habar bermegine görä, hökümete goldaw berýän adamlar talyplara, zähmetkeşlere we hususy firmalara baýdak asmalary üçin basyş edýärler.
BJP-niň agzalarynyň biri, Harýana ştatynyň premýer-ministri Manohar Lal Khattar bolsa aýyplamalary inkär edýär:
– *Hiç kim hiç kimi baýdak satyn almaga mejbur edenok, edibem bilmez.*
Beýleki bir ýandan gürrüňi edilen dükana azyk iýmitiniň berilmegi-de kesildi.

«Independent», «Guardian», «NDTV»

Taýýarlan Ugurjan ÝYLDYZ.

13.08.2022 ý. Publisistika